# Men köwüş iýýän / nowella

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Men köwüş iýýän / nowella MEN KÖWÜŞ IÝÝÄN

*Romen Gari (1914–1980, hakyky ady – Roman Kasew) XX asyr fransuz edebiýatynyň meşhur ýazyjylarynyň biri. Ol öňki Russiýa imperiýasynyň Wilno (häzirki Wilnýus) şäherinde söwdagäriň maşgalasynda dünýä inýär. 1928-nji ýylda ol ejesi bilen Fransiýa göçýär. Hukuk hünärini öwrenýär. Ikinji Jahan urşy başlanyndan soň, Beýik Britaniýa göçmeli bolýar. Uruşdan soň Fransiýa dolanyp, ilçihana işe girýär. 1945-nji ýylda ol Romen Gari ady bilen ilkinji nowellasyny çap etdirýär, bahym meşhurlyk gazanýar. Onuň «Günüň reňki» (1952), «Asmanyň köki» (1956), «Säher wadasy» (1960), «Çingiz Haimiň tansy» (1967), «Hoş gal, Gari Kuper!» (1969), «Ak it» (1970), «Gamly masgarabazlar» (1979), «Batbörekler» (1980) romanlary okyjylary özüne bendi etdi. Mundan başga-da ýazyjy «Bütin ömür öňümizde» (1975) we «Süleýman şanyň gorkusy» (1979) romanlaryny çap etdirip, Emil Ažar lakamy bilen hem uly şöhrat gazandy. Bu tahallusyň üsti bilen ýazyjy XX asyr fransuz edebiýatynyň taryhynda hiç kime başartmadyk zady başardy, – Gonkur baýragyny iki gezek gazandy (düzgünine görä, baýrak islendik ýazyja diňe bir ýola berilýär).*
*Romen Gari 1980-nji ýylda Parižde aradan çykdy.*

* * *

Öňümde tikenekdir demirtikenli uç-gyraksyz Arizona çöllügi ýaýlyp ýatyr – gözgyny ösümlikler, tebsirän toprak. Bu görnüş meniň ýaşyma, ruhy halyma hem keýpime kybapdaş. Emma hut şu içgysgynç, şyr takyr ýerleriň täsiri bilen, soňuny saýman, aýalyma alysda galan geçmişimden bir wakany gürrüň berdim. Megerem, ýatlamalara çümüp, ýüzümdäki hem kalbymdaky ýygyrtlary ýazjak bolandyryn. Bilmedim.
Garaz, aýalyma ilkinji söýgim hakda aýdyp berdim.

Çynym, öwünýändir öýtmäň, dokuz ýaşymdakam, hak aşyklara mahsus bolşy ýaly, öz magşugym üçin, bilşime görä, hiç wagt hiç kimiň başarmadyk zadyny edipdim. Men ony söýýändigimi subut etjek bolup, rezin oltaňly köwüş iýipdim.
Ol gyz üçin üýtgeşijek zat iýşim birinji gezek däldi.
Ondan bir hepde öň ýörite şonuň üçin atamyň bir topar bawar markalaryny ogurlap, garbanypdym, iki hepde öň – ilkinji gezek duşuşan günümiz on iki sany ýer gurçugy bilen alty kebelegi lak-luk atdym.
Indi düşündirmäge synanyşaýyn.
Bilýän, söýgi üçin görkezilen edermenlik barada dil ýarylsa, erkek göbekliniň barysyna öwünjeňlik mahsus. Diňläp otursaň, olaryň gaýduwsyzlygynyň çägi ýok ýalydyr. Ýeri, onsoň ynanmasaň ynanma-da – ähli ownuk-uşak jikme-jikligine deňiç gürrüň berýärler ahyry. Şol sebäpli söýgülim üçin başga-da kän zat iýendigim hakda ynandyrjak bolup, azara-da galjak däl, meselem: ýapon ýelpewajyny, bäş metr ýüň sapagy, ýarym kilo ülje şänigini (özi ülje iýip, maňa şänigini uzadýardy), üstesine-de onuň saz mugallymynyň akwariumyndan tutulan üç sany seýrek balyjagy.
Ýaşy ýaňy sekizi dolsa-da, kiçijik dilberimiň talapkärligi juda çökder bolup çykdy. Ol seýilgähde öňüme düşüp, barmajygyny bir üýşmek ýapraga, ýa çagla, ýa-da ýerde ýatan ýyrtyk gazete çommaldýardy, menem sesimi çykarman tabyn bolýardym. Bir gezek, ýadyma düşýär, ol dagdagan güllerini ýygyp ugrapdy, men bolsa onuň elindäki çemeniň gitdigiçe ulalyp barşyny synlap, ýüregim ýarylaýjak bolup durdum, ýöne ýarymyň maňa dikilen gözlerinde sähelçe hem bolsa guwanç uçgunjygyny görmek tamasy bilen, olaram iki üzüp, bir ýalmadym. Gyz hiç hili minnetdarlyk bildirmän, bökjekläp bir ýerlere ylgaşlap gitdi, sähel salymdanam eli bäş-alty balykgulakly dolanyp geldi-de, buýruk beriji terzde maňa uzatdy. Biz, terbiýeçilerimize görünmejek bolup, agaçlaryň arasynda bukuldyk, soňra men ýene boýun boldum – balykgulaklaram öňküleriň yzyna düşdi. Bu zatlary men onuň müňkür nazarynyň astynda ýerine ýetirmeli bolýardym, şonuň üçin hiç hili hilegärlige ýüz urmak başardanokdy.

Ol wagtlar çagalara söýginiň syrlaryny paş edenokdylar, şonuň üçin ähli zady dogry edýändigime birjik-de şübhelenemokdym. Dogrymdan gelsem, şol edenlerimi şu günem ýalňyş hasaplamok. Elimden gelenini edýärdim ahbetin. Belki, duýgularymy terbiýeläni üçin şol gözel Messalina minnetdaram bolmalydyryn.
Içimi ýakýan ýeri – ony hiç geň galdyryp bilemokdym. Gül çemeni bilen balykgulagy ýalmanymam şoldyr, ol oýa batyp:
– Žan Pýer meň üçin elli siňegem iýipdi, diňe ejesi çaýa çagyrany üçip saklandy – diýdi.
Inim tikenekläp gitdi. Walentina üçin – gyzyň ady şol – elli sany siňegi iýmegem hiç zatça görmezdim, emma ýeňsämden onuň iň ýegre dostum bilenem duşuşmagy maňa ýokuş degdi. Ýöne men gaharymam ýuwutdym. Eýýäm öwrenişip barýardym.
– Seni ogşasam bolýamy?
– Bolýa. Ýöne ýaňagymy öllemegin, ýigrenýän zadymdyr.
Men ýaňagynda öl goýmajak bolup, jan edip öpdüm. Biz agaçlaryň arasynda dyza çökdük, meniň bolsa şol ogşap oturyşymdy. Ol barmagynda halkajygy pyrlap durdy.
– Näçe boldy?
– Segsen ýedi. Müň sapar ogşaýyn, bolýamy?
– Bor. Ýöne bahymrak bol. «Müň» diýýäniň näçe bolýa?
– Bilemok. Egniňden hem ogşaýyn-da?
– Ogşaber.
Egninden ogşadym. Emma, nämüçindir, bir zat ýetmeýän ýaly boldy durdy. Maňa näbelli, ýöne örän wajyp, esasy bir zady sypdyrýanlygymy aňýardym. Ýüregim agzymdan çykaýjak bolýardy, gyzyň burnundan, saçyndan öpýärdim, ýöne bir zadyň kemdigini duýýardym, haýsydyr bir zadyň gerekdigine düşünýärdim, ahyry yşkdan ýaňa kelläm göçüp, otlukda lampa oturdym-da, köwşümi çykardym.
– Isleseň, şunam iýeýin!
Ol halkajygyny ýerde goýup çommaldy. Görejinde guwanç ataşynyň ýanandygyny gördüm. Maňa geregem şoldy. Çakgymy çykaryp, köwşi kesip başladym. Ol maňa seredip otyr.
–Çigligine iýäýjekmi?
– Hawa-la!
Bir bölegini ýuwutdym, soňra ýene birini. Onuň guwançly

balkyldaýan gözleriniň garşysynda özümi hakyky erkek kişi ýaly duýýardym. Ýene bir bölek kesip, uludan dem aldym-da, ony hem agzyma atdym. Yzymdan terbiýeçimiz gelip, gohlap, elimden köwşi kakyp alýança iýmegimi dowam etdim. Ol gije gaty içim agyrypdy, onsoň aşgazanymy arassalamak üçin ähli ýuwdanlarymy gaýtarmaly bolamsoň, ejem bilen kakamyň gözüniň alnynda söýgimiň ähli subutnamasyny daşyna çykardym…

Ine, Arizonadaky jaýymyzyň eýwanynda, öňümizdäki gurak sähralyga garap oturan ýerimden, altmyşa ser urup barýan halyma ýaşlygymyň serginligini duýmak isleýän dek, aýalyma şu ýatlamany gürrüň beripdim. Ol sesini çykarman diňledi, ýüzünde peýda bolan arzuwçyl garaýyşa geňem galypdym. Şondan soň, nämüçindir, onuň maňa bolan gatnaşygy üýtgedi. Gürleşmegini goýdy, ýüz bermedi. Belki, dogrudanam, birwagtky höwesgärligim hakda gürrüň bermegim nädogrydyr, ýöne şu müçämizde, otuz ýyl bile ýaşaşamyzdan soň, geçirimliräk bolunmagyna hakym barmyka öýdýärdim.

Soňra nazarymyz sataşanda, onuň görejinde kitüw, hatda ejir alamatlaryny görüp ugradym, käteler bokurdagy dolup, gözleri çygjarýardy. Gürrüňimizden birnäçe gün soň onuň ugry gaçdy, syrkawlap, düşekden galman ýatdy. Lukmany kabul etmekdenem ýüz öwürdi, maňa-da diňe hyltly bakyşlary bilen garaýardy. Öz otagynda, galyň ýorgana bürenip ýatyrdy, girenimde ýüzüme kineli garap, beýlesine öwrülýärdi, onsoň onuň çalaran zülpüni synlap oturaýmakdan başga alajym galmandy. Ol wagt gyzlarymyzyň ikisem durmuşa çykypdy, ýeke ýaşaýardyk. Onsoň ýalňyz özüm arwaha dönüp, bir otagdan beýleki otaga sümsündim ýördüm. Soňra näme ýazygymyň bardygyny bilmek üçin uly gyzyma jaň etdim, sebäbi aýalym bilen uly gyzym günde bir sagatlap dagy telefonda meniň kemçiliklerim barada gepleşýärdiler. Emma bu gezek gyzymyňam hiç zatdan habary ýokdy. Ejesi oňa diňe bir zat aýdan oguşýa:

– Kakaňyz meni söýenok eken, hiç haçanam söýmändir…

Eýwana çykdym, oturgyja çökdüm-de, oýa batdym. Gözýetime uzap gidýän sähralyga, adam boýy kaktuslara, ekin bitmeýän tapsyz topraga we sönen ýanardaglara seredip, howlukman, ynsabym

bilen geňeşdim. Soňra uludan dem aldym. Aýaga galdym-da, gidip, ulaga mündüm. Skottsdeýle baryp, «Jon we K°» dükanyna girdim.

– Maňa rezin oltaňly köwüş gerek. Kiçiräjigi bolsa kem däl. Dokuz ýaşly çaga üçin.

Köwüşli gutyny goltugyma gysyp, ýene öýe sürdüm. Baryp, dessine aşhana geçdim-de, ýaňky köwşi bişirmäge durdum, ýarym sagat dagy gaýnatdym. Soňra ony mejimä goýup, aýgyt bilen aýalymyň ýatan otagyna girdim. Ol maňa tukat bakdy, birdenem gözleri ýaldyrap gitdi. Düşekçesinde dik oturdy. Didelerinde umyt alawlaberdi. Dabara bilen jübimden çakgymy çykardym-da, aýagujunda ornaşdym. Soňra köwşi aldym-da, daşyna geçdim. Birinji kesindini ýuwdup, aýalyma naýynjar garadym: näme diýseňizem, birwagtky aşgazanym ýok eken. Indi aýalymyň didarynda diňe kanagatlanma gördüm. Gözümi ýumup, wagta, çal saçlaryma, gojalygyň gurbatsyzlygyna boýun egmän, ýowuz kejirlik bilen köwüş bölegini çeýnemegimi dowam etdim. Tapsyzlygyň, ysgynsyzlygyň, ýürek gowşaklygynyň hem-de ýaşyň gaýdyşdygyça başa düşýän beýleki azar-bizarlaryň öňünde per bermäge hiç hili esas ýok diýip göwnümi göterdim. Ýene bir bölegi ýuwutdym. Aýalymyň elimden çakgyny alanyny duýmandyrynam. Gözümi açanymda köwşüň ikinji taýy onuň elindedi, ol eýýäm ikinji bölegi kesinen eken. Aglap oturan ýerinden maňa ýylgyrdy. Men onuň elini gysdym. Şeýdip, uzak wagtlap alagaraňkylykda, mejimedäki jübüt köwşe seredip oturdyk.

Terjime eden Maksat BÄŞIMOW. Hekaýalar